# TÜRKMENISTANYŇ
# KANUNY

## Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşi hakynda

(Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary 2008 ý., 1-nji bölek, № 4, 51-nji madda)

Şu Kanun Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň işiniň hukuk esaslaryny we ygtyýarlyklaryny kesgitleýär.

**1-nji madda. Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşi**

Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşi döwletiň howpsuzlygyny we goranmagyny, adamyň we raýatyň hukuklaryny we azatlyklaryny, edara görnüşli taraplaryň kanuny bähbitleriniň goraglylygyny üpjün etmek, kanunçylygy berkitmegiň we hukuk tertibini goramagyň ýörelgelerini kämilleşdirmek, halkara gatnaşyklarynda Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk syýasatynyň sebitde parahatçylygy berkitmekdäki täsirini güýçlendirmek maksady bilen şu ugurlar boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň garamagyna habarnamalary, teklipleri hem-de degişli meseleler boýunça çözgütleriň taslamalaryny berýär, şeýle-de Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlygyna degişli, şu Kanunda görkezilen beýleki meselelere garaýar.

**2-nji madda. Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň işiniň hukuk esaslary**

Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň işiniň hukuk esaslaryny Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerine hem-de kadalaryna esaslanýan şu Kanun hem-de döwlet howpsuzlygy hakyndaky meseleleri düzgünleşdirýän beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary düzýär.

**3-nji madda. Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň esasy wezipeleri**

Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň esasy wezipeleri şulardan ybaratdyr:

1) Türkmenistanyň döwlet howpsuzlygyny we goranmagyny üpjün etmek, adam we raýat hukuklaryny hem-de azatlyklaryny, edara görnüşli taraplaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini, kanunylygy we hukuk tertibini goramak babatda döwlet syýasatynyň esasy ugurlaryny işläp düzmek;

2) Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk derejesini halkara gatnaşyklarynda durmuşa geçirmegiň baş ugruny kesgitlemek;

3) Türkmenistanyň Prezidentine Türkmenistanyň içeri hem-de daşary syýasatyna degişli meseleler boýunça habarnamalary, teklipleri we çözgütleriň taslamalaryny taýýarlamak, bitarap döwlet hökmünde Türkmenistanyň harby doktrinasyny işläp

düzýär we ony durmuşa geçirmek barada çäreleri kesgitlemek;

4) döwlet howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen şahsyýetiň, jemgyýetiň we döwletiň wajyp bähbitlerini kesgitlemek, olaryň howpsuzlygyna wehim salyp biljek içerki we daşarky howplaryň öňüni almak işiniň meýilnamalaryny işläp taýýarlamak;

5) döwlet howpsuzlygyny üpjün etmegiň strategik esaslaryny işläp taýýarlamak;

6) adatdan daşary ýagdaý düzgünini girizmek, onuň möhletini uzaltmak ýa-da ýatyrmak barada Türkmenistanyň Prezidentine teklipleri taýýarlamak;

7) merkezi we ýerli wekilçilikli hem-de ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlygyny we goranmagyny, adamyň, raýatyň hukuklaryny hem-de azatlyklaryny, kanunylygy hem-de hukuk tertibini goramagy üpjün etmek boýunça işini utgaşdyrmak;

8) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki meseleleri çözmek.

**4-nji madda. Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň ygtyýarlyklary**

Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşi öz üstüne ýüklenilen wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen:

1) Türkmenistanyň döwlet howpsuzlygyny we goranmagyny, demokratiýany, adamyň we raýatyň konstitusion hukuklarynyň we azatlyklarynyň goraglylygyny üpjün etmek babatda döwletiň harby, tehniki, ykdysady hem-de hukuk syýasatyny durmuşa geçirmek meselelerine seredýär;

2) merkezi we ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň Türkmenistanyň Döwlet serhedini goramagyň, serhetde döwletiň bähbitlerini goramagyň toplumlaýyn maksatnamalaryny işläp düzmegiň hem-de ýerine ýetirmegiň, olary guramaçylyk, hukuk we ykdysady taýdan üpjün etmegiň meseleleri boýunça işini utgaşdyrýar;

3) harby gurluşy, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerini, beýleki goşunlaryny özgertmegiň maksatnamalaryny işläp düzýär, goşunlaryň görnüşlerini hem-de kysymlaryny döretmek we ösdürmek, olary ýaýbaňlandyrmak hem-de peýdalanmak boýunça teklipleri taýýarlaýar;

4) Türkmenistanyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň ykdysadyýet çygryndaky jenaýatlara, guramaçylykly jenaýatçylyga we terrorçylyga garşy göreş alyp barmak, neşeleriň we ýaraglaryň, ok-därileriň, partlaýjy maddalaryň ýa-da partladyjy enjamlaryň bikanun dolanyşygynyň hem-de kontrabandasynyň öňüni almak boýunça işini utgaşdyrýar;

5) merkezi we ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň mobilizasiýa taýýarlygyny, ýerlerde raýat goranyşyny, raýatlary harby gulluga çagyrmagy, adatdan daşary ýagdaýlar ýüze çykanda desgalary we ilaty goramagy üpjün etmek boýunça işini utgaşdyrýar;

6) Türkmenistanyň Prezidentine adatdan daşary ýagdaý düzgünini girizmek, onuň möhletini uzaltmak ýa-da ony ýatyrmak hakyndaky teklipleri taýýarlaýar;

7) eger Türkmenistanyň Prezidenti haýsydyr bir sebäbe görä öz borçlaryny ýerine ýetirip bilmeýän bolsa, onda Prezident saýlanýança Türkmenistanyň

Prezidentiniň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetirmegi Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň biriniň üstüne ýükleýär;

8) Türkmenistanyň Prezidentiniň tabşyrygy boýunça halkara gatnaşyklarynda dostlukly döwletler bilen harby we harby-tehniki hyzmatdaşlyga ýolbaşçylyk edýär, ony durmuşa geçirmegiň esasy ugurlaryny, maksatlaryny hem-de esasy usullaryny kesgitleýär, hyzmatdaşlygyň durnukly häsiýetini üpjün etmek wezipelerini çözmäge, tebigy apatlaryň we heläkçilikleriň zyýanly netijelerini ýok etmäge gönükdirilen maksatnamalaryna seredýär;

9) Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerini, serhet we içerki goşunlaryny guramagyň meseleleri, içeri işler, milli howpsuzlyk, neşelere garşy göreş baradaky döwlet gullugynyň, adalat, prokuratura edaralarynyň hem-de kazyýetleriň işlerini düzgünleşdirýän kanunçylyk namalary hakynda goranmak toplumynyň ministrlikleri hem-de pudak edaralary we hukuk goraýjy edaralar tarapyndan berlen resminamalaryň taslamalaryna seredýär;

10) Türkmenistany we onuň serhedini goramak, milli howpsuzlygy üpjün etmek, harby we hukuk goraýjy edaralaryň işini kämilleşdirmek bilen bagly çykdajylary maliýeleşdirmek boýunça ministrlikleriň we pudak edaralarynyň tekliplerine seredýär.

**5-nji madda. Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň düzümi**

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşini döredýär we oňa ýolbaşçylyk edýär.

2. Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň düzümine:

1) Türkmenistanyň Prezidenti - Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy - Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň Başlygy;

2) Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary;

3) Türkmenistanyň Adatdan daşary ýagdaý düzgüni baradaky döwlet toparynyň başlygynyň orunbasary;

4) Türkmenistanyň Daşary işler ministri;

5) Türkmenistanyň Goranmak ministri;

6) Türkmenistanyň Içeri işler ministri;

7) Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministri;

8) Türkmenistanyň Adalat ministri;

9) Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň başlygy;

10)Türkmenistanyň Baş prokurory;

11)Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygy;

12) Türkmenistanyň Neşelere garşy göreş baradaky döwlet gullugynyň başlygy;

13) Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministri;

14) Türkmenistanyň Maliýe ministri;

15) welaýatlaryň we welaýat hukukly şäherleriň häkimleri girýär.

3. Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň işi Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň hasabyna üpjün edilýär.

**6-njy madda. Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň müdiriýeti**

1.Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň müdiriýeti onuň işini üpjün etmek hem-de kabul edýän çözgütlerini ýerine ýetirmek, şeýle-de olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek maksady bilen döredilýän edaradyr. Oňa Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýän Sekretar ýolbaşçylyk edýär.

2. Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň müdiriýetiniň düzümi Sekretardan, onuň kömekçisinden we üç geňeşçiden ybaratdyr.

**7-nji madda. Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň Sekretarynyň esasy wezipeleri**

Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň Sekretarynyň esasy wezipeleri şulardan ybaratdyr:

1) Türkmenistanyň Prezidentine Türkmenistanyň döwlet howpsuzlygyny we goranmagyny üpjün etmek, adamyň we raýatyň hukuklaryny we azatlyklaryny, edara görnüşli taraplaryň kanuny bähbitlerini, kanunylygy hem-de hukuk tertibini goramak meseleleri boýunça teklipleri yzygiderli bermek;

2) Türkmenlstanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň kararlarynyň taslamalaryny taýýarlamagy üpjün etmek;

3) Türkmenistanyň Prezidentine Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň kararlaryny tassyklamaga we olary durmuşa geçirmek boýunça kabul edilmäge degişli bolan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny hödürlemek;

4) Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň çözgütleriniň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek, merkezi we ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň Türkmenistanyň milli howpsuzlygyny we goranmagyny, adamyň we raýatyň hukuklaryny we azatlyklaryny, jemgyýetçilik gatnaşyklarynda kanunylygy üpjün etmek hem-de hukuk tertibini goramak boýunça işiniň resminamalaryny seljermek arkaly barlaglary geçirmek;

5) Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň işini amala aşyrmak üçin zerur bolan maglumatlaryň, resminamalaryň hem-de habarlaryň berilmegini merkezi we ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralaryndan, beýleki edaralardan, guramalardan hem-de wezipeli adamlardan talap etmek;

6) Döwlet howpsuzlygyny we goranmagyny üpjün etmek boýunça öz üstüne ýüklenen wezipeleri ýerine ýetirmänligi üçin merkezi we ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň ýolbaşçylaryny jogapkärçilige çekmek hakyndaky teklipleri Türkmenistanyň Prezidentine bermek;

7) Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň işi bilen baglanyşykly Türkmenistanyň Prezidentiniň resminamalaryny we Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň kararlaryny ýerine ýetirmek üçin buýruklary hem-de görkezmeleri çykarmak.

**8-nji madda. Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisi**

1. Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisini onuň Başlygy çagyrýar we ol zerurlygyna görä yzygiderlilik esasynda geçirilýär.

2. Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň Başlygy seredilýän meseleleriň dogry çözgüdiniň tapylmagyndan ugur alyp, onuň mejlisinde şu Kanunyň 5-nji maddasynyň ikinji böleginde görkezilmedik döwlet wezipeli adamlary hem gatnaşdyryp biler.

3. Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisi agzalarynyň üçden iki böleginden az bolmadyk düzümde meselelere seredýär we oňa gatnaşýanlaryň azyndan üçden iki böleginiň ses bermeklerinde karar kabul edýär.

**Türkmenistanyň Prezidenti** — **Gurbanguly Berdimuhamedow**

Aşgabat şäheri
2008-nji ýylyň 23-nji oktýabry
№ 219-III

## ЗАКОН ТУРКМЕНИСТАНА

### О Государственном совете безопасности Туркменистана

(Ведомости Меджлиса Туркменистана 2008 г., часть II, № 4, ст.51)

Настоящий Закон в соответствии с Конституцией Туркменистана определяет правовые основы деятельности и компетенцию Государственного совета безопасности Туркменистана.

**Статья 1. Государственный совет безопасности Туркменистана**

Государственный совет безопасности Туркменистана в целях обеспечения безопасности и обороны государства, защиты прав и свобод человека и гражданина, законных интересов юридических лиц, совершенствования принципов укрепления законности и правопорядка, усиления влияния политики постоянного нейтралитета Туркменистана на укрепление мира в регионе представляет по этим аспектам на рассмотрение Президента Туркменистана информацию, предложения и проекты решений по соответствующим вопросам, а также рассматривает другие вопросы, указанные в настоящем Законе, затрагивающие государственную безопасность Туркменистана.

**Статья 2. Правовая основа деятельности Государственного совета безопасности Туркменистана**

Правовую основу деятельности Государственного совета безопасности Туркменистана составляют настоящий Закон, основывающийся на Конституции Туркменистана и общепринятых принципах и нормах международного права, и другие нормативные правовые акты, регулирующие вопросы государственной безопасности.

### Статья 3. Основные задачи Государственного совета безопасности Туркменистана

Основными задачами Государственного совета безопасности Туркменистана являются:

1) обеспечение государственной безопасности и обороны Туркменистана, разработка основных направлений государственной политики по охране прав и свобод человека и гражданина, законных интересов юридических лиц, законности и правопорядка;

2) определение стратегии осуществления статуса постоянного нейтралитета в международных отношениях;

3) подготовка для Президента Туркменистана информации, предложений и проектов решений по вопросам внутренней и внешней политики, разработка военной доктрины Туркменистана как нейтрального государства и определение мер по её реализации;

4) разработка в целях обеспечения государственной безопасности перспективных задач обеспечения важнейших интересов личности, общества и государства, предотвращения внутренних и внешних угроз которые могут подрывать их безопасность;

5) разработка основных направлений обеспечения государственной безопасности;

6) подготовка предложений Президенту Туркменистана по введению режима чрезвычайного положения, продлению периода его действия или отмене;

7) координация деятельности органов центральной и местной представительной и исполнительной властей по обеспечению государственной безопасности и защиты Туркменистана, прав и свобод человека и гражданина, законности и правового порядка;

8) рассмотрение других задач, предусмотренных законодательством Туркменистана.

### Статья 4. Полномочия Государственного совета безопасности Туркменистана

Государственный совет безопасности Туркменистана в целях выполнения возложенных на него задач:

1) рассматривает вопросы реализации военной, технической, экономической и правовой политики государства по обеспечению государственной безопасности и обороны Туркменистана, демократии, конституционных прав и свобод человека и гражданина;

2) координирует деятельность центральных и местных органов исполнительной власти по разработке и реализации программ охраны Государственной границы Туркменистана, защиты государственных интересов на границах и по вопросам их организационного, правового и экономического обеспечения;

3) разрабатывает программы реформирования военной структуры Вооружённых Сил, других войск Туркменистана, вопросы создания и развития видов и родов войск, готовит предложения по их дислокации и использованию;

4) координирует деятельность военных и правоохранительных органов Туркменистана по ведению борьбы с преступностью в сфере экономики, организованной преступностью и терроризмом, по предотвращению незаконного оборота и контрабанды наркотиков и оружия, боеприпасов, взрывчатых веществ или взрывных устройств;

5) координирует деятельность центральных и местных органов исполнительной власти по обеспечению мобилизационной готовности, гражданской обороны на местах, призыву граждан на воинскую службу, защите населения и оборудования при возникновении чрезвычайных ситуаций;

6) готовит предложения Президенту Туркменистана по объявлению режима чрезвычайного положения, о его продлении или отмене;

7) возлагает на одного из заместителей Председателя Кабинета Министров Туркменистана временное исполнение обязанностей Президента Туркменистана, если Президент Туркменистана по тем или иным причинам не может исполнять свои обязанности, впредь до избрания нового Президента Туркменистана;

8)по поручению Президента Туркменистана осуществляет руководство военным и военно-техническим сотрудничеством в международных отношениях с дружественными государствами, определяет главные направления, цели и основные методы его реализации, рассматривает программы, направленные на решение задач обеспечения устойчивого характера сотрудничества, на ликвидацию стихийных бедствий и аварий;

9) рассматривает проекты документов, представленных министерствами и ведомствами оборонительного комплекса и правоохранительными органами по вопросам организации Вооружённых Сил, пограничных и внутренних войск Туркменистана, о законодательных актах, регулирующих деятельность органов внутренних дел, государственной безопасности, государственной службы по борьбе с незаконным оборотом наркотических средств, органов юстиции, прокуратуры и судов;

10) рассматривает предложения министерств и ведомств по обороне Туркменистана и его границ, обеспечению национальной безопасности, финансированию расходов, связанных с совершенствованием деятельности военных и правоохранительных органов.

**Статья 5. Структура Государственного совета безопасности Туркменистана**

1. В соответствии с Конституцией Туркменистана Президент Туркменистана образует Государственный совет безопасности Туркменистана и осуществляет руководство им.

2. В состав Государственного совета безопасности входят:

1) Президент Туркменистана- Главнокомандующий Вооружёнными Силами Туркменистана - Председатель Государственного совета безопасности Туркменистана;

2) Секретарь Государственного совета безопасности Туркменистана;

3) заместитель Председателя Государственной комиссии Туркменистана по режиму чрезвычайного положения;

4) Министр иностранных дел Туркменистана;

5) Министр обороны Туркменистана;

6) Министр внутренних дел Туркменистана;

7) Министр национальной безопасности Туркменистана;

8) Министр адалат Туркменистана;

9) Председатель Государственной пограничной службы;

10) Генеральный прокурор Туркменистана;

11) Председатель Верховного казыета Туркменистана;

12) Председатель Государственной службы Туркменистана по борьбе с незаконным оборотом наркотиков;

13) Министр экономики и развития Туркменистана;

14) Министр финансов Туркменистана;

15) хякимы велаятов и городов с правами велаята.

3. Деятельность Государственного совета безопасности Туркменистана обеспечивается за счёт Государственного бюджета Туркменистана.

**Статья 6. Управление Государственного совета безопасности Туркменистана**

1. Управление Государственного совета безопасности Туркменистана является органом, создаваемым в целях обеспечения его деятельности и исполнения принятых им решений, а также контроля за их исполнением. Этим органом руководит Секретарь, назначаемый на должность Президентом Туркменистана.

2. в Управление Государственного совета безопасности Туркменистана входят Секретарь, его помощник и трое советников.

## Статья 7. Основные задачи Секретаря Государственного совета безопасности Туркменистана

Основными задачами Секретаря Государственного совета безопасности Туркменистана являются:

1) регулярное представление Президенту Туркменистана предложений по вопросам обеспечения государственной безопасности и обороны Туркменистана, защиты прав и свобод человека и гражданина, законных интересов юридических лиц, законности и правопорядка;

2) обеспечение подготовки проектов решений Государственного совета безопасности Туркменистана;

3) представление на утверждение Президента Туркменистана решений Государственного совета безопасности Туркменистана и проектов нормативных правовых актов, подлежащих принятию для их реализации;

4) контролирует исполнение решений Государственного совета безопасности Туркменистана, проводит проверки путём анализа документации по обеспечению центральными и местными исполнительными органами власти национальной безопасности и обороны Туркменистана, защите прав и свобод человека и гражданина, законности и правового порядка в общественных отношениях;

5) требует от центральных и местных органов исполнительной власти, предприятий, учреждений, организаций и государственных должностных лиц необходимые для осуществления деятельности Государственного совета безопасности Туркменистана сведения, документацию и информацию;

6) представляет Президенту Туркменистана предложения по привлечению к ответственности руководителей центральной и местной исполнительной власти за невыполнение возложенных на них обязанностей по обеспечению государственной безопасности и обороны;

7) издаёт приказы и указания, необходимые для исполнения официальных актов Президента Туркменистана и решений Государственного совета безопасности Туркменистана, связанных с его деятельностью.

## Статья 8. Заседания Государственного совета безопасности Туркменистана

1. Заседания Государственного совета безопасности Туркменистана созываются его Председателем и проводятся при необходимости на регулярной основе.

2. Председатель Государственного совета безопасности Туркменистана, исходя из необходимости оптимального решения вопросов, может разрешить участие на его заседании государственных должностных лиц, не указанных в части второй статьи 5 настоящего Закона.

3. Государственный совет безопасности Туркменистана рассматривает вопросы и принимает решения большинством не менее чем в две трети от его состава.

| | |
|---|---|
| **Президент Туркменистана** | **Гурбангулы Бердымухамедов** |

Город Ашхабад
23 октября 2008 года
№ 219-III.